# Gar ýaganda dörän setirler

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
Gar ýaganda dörän setirler GAR ÝAGANDA DÖRÄN SETIRLER

Aklyk,
arassalyk,
aýdyňlyk bilen
Gar ýagýar, ýyllaryň äkidip derdin.
Sowuk duýgularmy, biweç pikrimi
Meýletin şo-ol ýyly garlara berdim.

Garlar gök asmandan zemine gowşup,
Sözsüz söhbet edýär agaçlar bilen.
(Olaryň gürrüňin, täsin söhbedin
Diňe ak göwünli ynsanlar biler!)

Töwerek aklyga, päklige dolmuş.
Goý, niýet-pälimiz şonuň deý bolsun!
Ak atly,
ganatly,
gaýtalanmajak
Bu günleň her kişi gadyryn bilsin!

Taşlap, ýürekdäki öýke-kinäni,
Gama batman, bagta gujak gereli!
Ýör, ýalňyz oturma, ikimiz bile
Täze ýagýan gara salam bereli!

11.12.2020ý. Nury SAKÇYÝEW.

Goşgynyň çap edilen ýyly: ,,Garagum» žurnaly, 3/2022ý Goşgular